# «Pyragy bu gün Meňli ýara sataşyp…»

Category: Goşgular,Kitapcy,Magtymgulyny öwreniş,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Pyragy bu gün Meňli ýara sataşyp…" «PYRAGY BU GÜN MEŇLI ÝARA SATAŞYP…»



Öwrenen maglumatlarym esasynda Magtymguly we Meňliniň gatnaşygy barada öz pikirimi beýan edesim gelýär. «Magtymguly hakynda rowaýatlar we legendalar" atly kitapda üç rowaýatda Magtymgulynyň söýen gyzy Meňliniň Şyhym Harpyga berlenligi, Akgyz atly ýeňňesine dakylanlygy barada aýdylýar. Olar "Ýary ýardan aýranyň", "Bolmady bizge nesip" we "Bir goýna salan islärin" («Magtymguly hakynda rowaýatlar we legendalar" Aşgabat, Ylym, 1983ý. 42-47 sah.) atly sözbaşy bilen başlanýar. Bu rowaýatlardaky aýdylýan maglumatlary,

esasan, ýaşuly neslimiz dogry hasaplaýarlar. Emma bu maglumatlary Magtymgulynyň bize mälim bolan şygyrlarynyň hiç biri tassyklamaýar. Gaýta olary ýalana çykarýar. Aýdýanlarymy esaslandyrmaga synanyşaýyn.

1. Esas 1, 2. Rowaýatlar ylmy jähtden esas bolup bilmez. Rowaýatlara diňe hiç hili esaslanara başga maglumat ýok mahalynda ýüzlenilýär. Şonuň üçin rowaýatlardan dälde, Magtymgulynyň goşgularyndan hakykaty gözlesek, dogry bolar diýip pikir edýärin. Magtymgulynyň ”Jana geldim” diýen goşgusyndaky (Magtymguly, Goşgular, 2t, 1994ý. 30 sah.)

On ýediden geçen soň, şöhrat öýüne girdim,
Aldym bir näzenini, zowk ile sapa sürdüm,
Bu gunçaýy-gülzaryň elwan gülüni tirdim,
Ýigrimiýe ýetende, pelek jebrini gördüm,
Pelek aldy ýarymy, ejel gamhana geldim.

ýene-de ”Gülgüzar oýnaşar” atly goşgusyndaky (Magtymguly. Goşgular 3t, 1996ý, 236 sah)

”Pyragy bu gün Meňli ýara sataşyp
Panyda bäş gündür, gül ýar oýnaşar”

– diýen setirleri şulary diýmäge berk esas bolýar: Magtymguly 17 ýaşyndan başlap, Meňli bilen halaşýar. 18 ýaşynda Meňlä öýlenýär. 20 ýaşynda bolsa, Meňli aradan çykypdyr.

Esas 3: Magtymgulynyň “Joşa ýetdiň” (Magtymguly, Goşgular, tom 1, 1992ý, 293 sah) atly goşgusynda:

“Hak berdigin iýp-içdiň,
Her ýola bir baş goşduň,
Mahbup bile söýüşdiň,
Bile çolaşa ýetdiň.”

– diýen bendi bar. Bu bendiň soňky iki setiri öz ilki söýgüsine (Meňlä) gowşanyny, bile ýaşanyny tassyklaýar. Bu pikiri Filologiýa ylymlaryň doktory Annagurban Aşyrow özüniň çapa taýýarlan Magtymgulynyň goşgular ýygyndysynda

(Magtymguly. Goşgular. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat-2010. sah 7. ) hem aýdýar.
Esas 4: Şeýle diýmäge ýene bir esas bar. Eger Magtymguly Meňlä öýlenmän, Meňli Şyhym harpyga berlen bolsa, Meňlä bagyşlanan goşgular üçin Meňlini hem, Magtymgulyny hem uzak ýaşatmazdylar. Ol döwürde sähelçe zat üçin, namys-ar üçin adam öldürmegi türkmenler hiç zatça görmeýärdi ahyry. Hat-da häzirki döwürde hem biriniň aýalyna ”Men pylany bilen Panyda bäş gün ömür sürdüm” diýip bolmaz ahyry.
Esas 5: Okyjylaryň käbiri bagşylaryň Magtymgulynyň sözlerine diýip höwes bilen aýdylýan “Dünýä” diýen aýdymdaky “Magtymguly meni ýeňňä dakdylar…” diýen setirini serine aýlap sorag berjegini bilýärin. Emma bu şygyr Magtymgulynyň şygyr golýazmalarynyň hiç birinde ýoklugy sebäpli, onuň şygyr ýygyndylarynyň hiç birine girizilmändir. Bu şübheli setirli şygyr barada gündogary öwreniji alym, žurnalist Juma Ataýew “Watan” gazetiniň 29.07.2008ý. sanynda “Magtymguly meni ýeňňä dakdylar…” atly makala bilen çykyş etdi. Bu makalada hem Magtymgulynyň Meňli bilen ýaşaşanlygy barada, emma ýeňňesine dakylmanlygy barada aýdylýar. Ine, şol makaladan käbir bölekleri mysal getireýin: “Birinjiden, türkmençilikde erkek aýala däl-de, aýal erkege dakylýar”. ”Ondan soňky ulamalar bolsa “Ýiten adam öz haky babatda 90 ýaşy dolýança diridir. Diňe şondan soň onuň aýalyna talak düşýär. Maly bolsa terekä salynmaly” diýipdirler. Bu babatda “Muhtäsär ul-wakaýa” kitabynda beýan edilýär.
Soňky pitwany kabul etsek, hem-de eger dereksiz ýiten Abdyllany 1725-nji ýylynda dünýä inipdir. (Meniň pikirimçe Abdylla Magtymguludan öň 1714-nji ýylda doglan bolmaly) diýip hasaplasak, Akgyza miladynyň 1815-nji ýylyna çenli nika düşmeýär! Şonuň üçin Akgyzyň şol ýagdaýda Magtymgula dakylmagy bolup bilmejek zatdyr.”
Juma Ataýew öz makalasyny şeýle jemleýär: “ Jemleme Şeýlelikde, halk arasynda ýaýran “Magtymguly, meni ýeňňä dakdylar…” diýen jümle aryf-dana hezreti Magtymgulynyň däl, hatda türkmençilikden çalaja üşügi bolan erkek kişiniň aýtjak sözi däl!

Sebäbi türkmen adaty boýunça erkek aýala däl-de, aýal erkege dakylýar! Şonuň üçin ol setiri hezreti Magtymguly aýdypdyr diýmek bolmaz.
Sözümizi jemläp aýtsak “Magtymguly on ýedi ýaşyndan başlap Meňli bilen halaşýar. On sekiz ýaşynda Meňlä öýlenýär. Ýigrimi ýaşynda bolsa Meňli aradan çykypdyr“ diýmäge doly esas bar. Ony hut hezreti Magtymguly atamyzyň öz eli bilen ýazan şygyrlary doly tassyklaýar.

Amanberdi ALLABERDIVEW. Magtymgulyny öwreniş